# Tolstoýyñ gyz çowlugy ukrainaly bosgunlara töründen ýer berdi

Category: Kitapcy,Publisisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Tolstoýyñ gyz çowlugy ukrainaly bosgunlara töründen ýer berdi
TOLSTOÝYÑ GYZ ÇOWLUGY UKRAINALY BOSGUNLARA TÖRÜNDEN ÝER BERDI

*«Tolstoý bu bolup geçýän zatlary görse, bagryny ýere bererdi»*




Albertini (sagda), Şekludko (çepde) we ejesine kömek etme pikirine «instinktiw» girendigini aýtdy (AFP)
Tolstoýyñ gyz çowlugy Marta Albertini Şweýsariýadaky uruşdan gaçan ukrainaly bosgunlara öýüniñ töründen ýer berdi. Albertini Walais kantonyndaky Krans-Montanada ýerleşen Lens obasyndaky öýünde Ukrainadaky çaknyşyklardan gaçan Anastasiýa Şeludkony we onuñ ejesini myhman aldy.
«T24» internet portalyna 2022-nji ýylyñ fewralynda başlan urşuñ yzysüre ýurtdan gaçan ukrainaly bosgunlara kömek etmek üçin herekete geçendigini gürrüñ beren 84 ýaşly Albertini «Ýewropa we dünýä bu uruşdan soñ öñküligine galmaz. Kämahal düýşde gezip ýören ýaly bolýaryn. Bolýan zatlara hiç ynanyp bilemok» diýdi.
24 ýaşly Şekludko ejesi bilen bile Mikolaýew şäherindäki çaknyşyklardan gaçyp, 13-nji martda Lens obasyna gelendiklerini aýtdy.

Şekludko ukrainaly bosgunlaryñ Şweýsariýa girmeklerine kömek eden we kimdigi mälim edilmedik biriniñ Albertini bilen habarlaşar ýaly edendigini aýtdy. Eneli-gyz bilen duşuşygyñ «örän tolgundyryjy» geçendigini aýdan Albertini 1853-1856-njy ýyllaryñ Krym urşuny, 1854-1855-njy ýyllaryñ Sewastopol gabawyny gören Lew Tolstoý häzirki urşy görse dagy «bagryny ýere bererdi» diýýär.
Özüniñ Sierra etrabyndaky uniwersitetde bilim almaga mümkinçilik döredilendigini aýdýan Şekludko bolsa rus goşunlarynyñ bombalaýjy hüjümi başlanda, on gije-gündizläp jaýyñ podwalynda galmaga mejbur bolandyklaryny aýdýar. Şekludko «ir säher hiç zatdan habarsyz ukudan oýanýarsyñyz welin, şäheriñ howa menzili eýýäm 05:00-da bombalanandygy üçin mundan beýläk durmuşyñyzyñ öñküsi bolmajagyny duýýarsyñyz» diýdi.



*Şekludko mekdep okuwçysyka Tolstoýy okandygyny we onuñ ýakyn neberesi tarapyndan myhman alynmagyñ özüne ullakan bagtdygyny aýdýar. (AFP)*
Albertinä «göwnaçyklyk we gyzgyn mähir bilen garşylandygy üçin çäksiz minnetdarlyk bildirýändigini» aýdan Şekludko Şweýsariýa sag-salamat aşanlaryndan soñ ynjalandyklaryny aýtdy. Russiýanyñ döwlet ýolbaşçysy Wladimir Putine urşy bes etmegi üçin hat ýazan we Tolstoýyñ neslinden gelýän adamlaryñ biri bolan Albertini «Şumatky bolup geçýän zatlara, bigünä ýurduñ basylyp alynmagyna garşy çykýarys» diýdi.
Kiýew we Kreml güýçleriniñ arasyndaky çaknyşyklar urşuñ kyrk birinji gününde-de dowam edýär.
BMG-nyñ Ýokary Kommisarlygynyñ (UNCHR) 31-nji martdaky

maglumatlaryna görä, çaknyşyklar sebäpli eýýäm 10 milliona golaý ukrainaly ýerinden-ýurdundan jyda düşdi.
Şweýsariýadaky resmi maglumatlara görä, ýurtda 10 müñden gowrak ukrainaly bosgun bar.

# The Independentturkish, AFP, Swiss Info.

Taýýarlan Ýasin SOFUOGLY.

Sişenbe, 05.04.2022 ý. Publisistika